# Saltanat Nukenowa: Syýasatçy, astrolog we Gazagystany özgerdip bilen jenaýat

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saltanat Nukenowa: Syýasatçy, astrolog we Gazagystany özgerdip bilen jenaýat SALTANAT NUKENOWA: SYÝASATÇY, ASTROLOG we GAZAGYSTANY ÖZGERDIP BILEN JENAÝAT



Gazagystanda öňki hökümet ministriniň sud jogapkärçiligine çekilişi millionlarça raýat tarapyndan ýakyndan gyzyklanyldy we ýurduň maşgala arasyndaky problemalaryna çyra tutdy. Bir mahallaryň güýçli şahslaryndan bolan syýasatçynyň öz aýalyny öldürmekde aýyplanyp tussag edilmegi, öwrülişik sepgidini döredip biljek suduň hökümi we täze kanun beýleki jebir çekenler üçinem adalatyň ýola goýlup-goýulmajakdygynyň soragyny orta atdy.
Suduň orta atan hakykatlary depe saçyňy düýrükdirýärdi.
Ýurduň Ykdysadyýet ministri Saltanat Nukenowany urup öldüripdi. Onuň bu eden-etdiligi bölekleýinem bolsa «CCTV»-niň

kameralaryna düşüpdi.




*Guwandyk Bişimbaýew*

Ýerli sagat bilen 07:15-den soň paýtagt Astanadaky restoranlaryň biriniň kamerasynda Guwandyk Bişimbaýewiň Saltanaty urýandygy, ony ýumruklaýandygy we saçyndan tutup süýreýändigi görülýär.

Munyň yzyndan gelen 12 sagadyň dowamynda bolsa nämeleriň bolup geçendigi belli däl.

Widegörnüşleriň bir bölegi Bişimbaýewiň öz telefonynda alnypdyr, görnüşler suda görkezilenem bolsa, köpçülige görkezilmedi.

Ýazgydaky ses Bişimbaýewiň Saltana paýyş sögünýändigini we ony başga biri bilen gezmekde aýyplap soraga tutýandygyny görkezýär. Sudda aýaly kameralaryň bolmadyk «VIP» otagda huşundan gidip ýatyrka, Bişimbaýewiň haýsydyr bir palça birnäçe gezek jaň edendigi aýdyldy.

Ahyrsoňy sagat 20:00-dan öňinçä «Tiz kömek» çagyryldy. Saltanat bireýýäm jan beripdi we sud-medekspertizanyň barlagyna görä üstünden 6-8 sagat geçipdi.

Sudda detallary mälim edilen sud-medekpertiza barlagynyň jogaby urgy yzlarynyň, sypjyryklaryň, ýaralaryň netijesinde Saltanatyň beýnisine şikes ýetendigini ýazýardy: kelleçanak

bilen beýniñ arasynda 230 millilitr gan üýşüpdi. Suduñ pikiriçe merhumda boglup öldürilmegiñ alamatlary bar eken.




*Sudda görkezilen fotosuratlar hajathananyñ gapysynyñ urlup deşilendigini görkezýär*

Bişimbaýewiñ garyndaşy we restoranyñ azyk bölüminiñ müdiri Bakhytzhan Baizhanow jenaýaty gizlemäge synanyşandygy üçin dört ýyl azatlykdan mahrum edildi. Ol sudda Bişimbaýewiñ özünden wideokameralara düşen görnüşleri öçürmegi talap edendigini aýtdy.

13-nji maýda Astananyñ şäher sudy 44 ýaşly Guwandyk Bişimbaýewi 31 ýaşly Saltanat Nukenowany öldürmek jenaýatyndan 24 ýyl azatlykdan mahrum etdi. Emma her ýyl ýüzlerçe zenanyñ partnýorlary tarapyndan öldürilýän ýurdy Gazagystanda suduñ höküminiñ çykjagyna ynanylyp durlanokdy. BMG-nyñ çaklamalaryna görä, ýurtdaky her dört maşgaladan birinde urlup-ýenjilme wakasy bilen düzgün bozujylar adalatyñ öñünde kelle ýalañaçlaýar. Köp aýal-gyz arz-şikaýat etmäge gorkýar.

Saltananyñ erkek doganynyñ aýdyşy ýaly, gazak zenanlary «mundan öñem dady-perýat edýärdi, ýöne olaryñ sesini eşidýän ýokdy».

Dek häzirki wagta çenli.



*Saltanat Nukenowa Pawlodar şäherinde (1996-1997)*
Saltanatyñ çagalygy Gazagystanyñ Russiýa bilen araçägine ýakyn demirgazyk-gündogardaky Pawlodar şäherinde geçdi.
Mekdebi tamamlandan soñ öñki paýtagt Almata göçdi we ol ýerde agasy hem-de ýeke dogany Aýytbek Amangeldi biraz wagtlap ýaşady. Aýytbek şonda onuñ bilen öwrenişendiklerini aýtdy. Ol «Şol döwür gatnaşygymyz gowudy» diýdi.
Saltanat Nukenowa jenaýat bolup geçende Guwandyk Bişimbaýew bilen bir ýyldan gowrak bäri ýaşaşyp ýördi.
Habarlara görä, 2017-nji ýylda korrupsiýada aýyplanyp tussag astyna alyndy we 10 ýyl azatlykdan mahrum edildi, üç ýyldan gowrak wagt gözenegiñ añyrsynda oturandan soñ azatlyga çykdy.
Dogany Saltanatyñ bu döwürde astrolog bolup işländigini, muña bolan gyzyklanmanyñ dokuz ýaşyndaka bir ýakynynyñ oña kitap sowgat bermegi bilen başlandygyny aýtdy.
Doganynyñ hemişe şadyýan we güler ýüzli bolup, astrologiýa mekdebini açmagyñ arzuwynda gezendigini aýtdy.
«Ha maşgalanyñ arasyndaky gatnaşyklat bolsun, ha är-aýalluk,

ha-da çagalar bilen baglanyşykly meseleler bolsun, dürli formalarda agyr ýagdaýda bolan aýallara kömek edýärdi».



*Aýytbek Amangeldi we Saltanat Nukenowa (1996-1997)*

Aýytbek düşündirişinde Bişimbaýewiñ Saltanat bilen görüşjek bolandygyny, emma uýasynyñ ilkibaşda ondan ýüz öwrendigini aýtdy. Ol Bişimbaýewiñ uzak wagtlap uýasynyñ yzyna düşüp gezendigini, ahyrynda Saltanatyñ telegon belgisini almagy başarandygyny gürrüñ berdi.

Uýasy Aýytbege Bişimbaýewden gelen sms-leri görkezipdir, gelen hatlarda Bişimbaýew görüşmek isleýändigini we oña özi barada ýazylanlara ynanmazlygy haýyş edipdir. Şol görüşmeden birnäçe aý geçenden soñ nikalaşypdyrlar. Oñşuksyzlyklaryñ başlamagy kän wagta çekmändir.

Saltanat agasyna tenine düşen urgy yzlarynyñ fotosuratlaryny görkezipdir we birnäçe gezek ärinden aýrylyşmaga synanyşypdyr. Bişimbaýewiñ oña işlemegi «gadagan etmeginden» soñ Saltanatyñ söýýän işinden el çekmeli bolandygyny, Bişimbaýewiñ uýasyny hiç ýere çykarman saklajak bolandygyny öñe sürdi.

Sudýa Bişimbaýewe jezasyny mälim edende ony zalymlarça duýgylar bilen jenaýat etmekde aýyplady.

Bişimbaýew bolsa günäsini ýeñletmäge synanyşdy. Ol Saltanatyñ

bedenine ölmegine sebäp boljak formada zeper ýetirendigini boýun alanam bolsa, muny bilgeşleýin etmändigini öňe sürdi. Guwandyk sudy «obýektiw we adyl» bolmaga çagyrdy.
Bişimbaýewiň aklawjysy Aýytbege Saltanatyň gatnaşyklarda «basyş bolandygyny» ýa-da erkekleriň sözüniň ýöremegini saýlap alandygyny» sorady. Aýytbek «Çynyňyzmy?» diýip jogap berdi.



## • Batyrgaý hereket
Sorag Halkara Amnistiýa guramasynyň Gündogar Ýewropa we Orta Aziýa boýunça jogapkär direktorynyň orunbasary Denis Kriwoşeýewi geň galdyrmady.
Ol «BBC» habarlar gullugyna beren beýanatynda: «Jebir çeken günäkäri «gylawlandyrjak» şekilde hereket etmekde günälenip bilner: maşgalany ýok etmekde, ärine ýa-da gaýynenesidir gaýynatasyny sylamazluk etmekde günälenip bilner» diýdi: «Maşgalanyň arasynda bolýan eden-etdiligi aýtmak batyrgaýluk talap edýär we köplenç bular ýaly zatlaryň aýdylmaýandygyny bilýäris».
BMG her ýyl 400-e golaý gazak zenanynyň maşgalanyň arasynda urlup-ýenjilmelere sebäpli öldürilýändigini çak edýär.
Gazagystanyň Içeri işler ministrligi maşgalanyň arasyndaky urlup-ýenjilmelerden jebir çekenler boýunça habar beriş

merkezlerine edilen çagyryşlaryň 2018-nji ýyl bilen 2022-nji ýylyň arasynda 141,8% artandygyny habar berýär. Muňa garamazdan Kriwoşeýew «maşgala agressiýasynyň şindizem görmezlige salynýandygyny, ýöne munuň barha azalýandygyny» aýdýar.
Saltanatyň soňky sagatlarynyň detallary sud zalyndan gurnalan göni efir bilen berilensoň, herekete geçmegi üçin hökümete-de basyş edildi.
Sosial mediýa ulanyjylary TikTok ýaly platformalardan sud prosesi boýunça pikirlerini paýlaşdy. 150 müňden gowrak adamyň gol çeken arzasy bolsa maşgala agressiýasy boýunça kanunda reforma geçirilmegini talap etdi.
15-nji aprelde Gazagystanyň prezidenti Kasymjomart Tokaýew maşgala agressiýasynyň jezasyny güýçlendirýän kanuna gol çekdi. Ýogsam bolmasa ol 2017-nji ýylda jenaýatyň düzüminden aýrylypdy.
«Saltanat kanuny» diýilýän bu täze kanun maşgala agressiýasyny jenaýat jogapkärçiligine degişli etmişleriň hataryna goşýar, mundan öň ol ýönekeý düzgün bozulma hasaplanýardy. Indi derňew işleri jebir çekeniň arz etmegine garaşyp durmazdanam açylyp bilinýär.
Maşgala agressiýasynyň we zorlamalaryň jebir çekenlerine kömek edýän «NeMolchiKZ» fonduny esaslandyryjy Dinara Smaýlowa bu üýtgeşmäniň zerurlyk duýulýanyndan has bärden gaýdýandygyny aýdýar.



*Dinara Smaýlowa*
Mysal üçin, aýal azyndan 21 gün hassahanada ýatmasa, ýetirilen şikes «ýeňil» hasaplanýar. «Çat açmalara, burun we äň döwülmelerine ýeňil zyýan ýetirme şekilinde seredilýär.
Smaýlowa 2016-njy ýylda ýaşlygynda köpçülikleýin jynsy zorluga uçrap, mundan ölmän sypandygyny sosial mediýada paýlaşandan soň gelen hatlar esasynda fonduny gurdy. Birnäçe günüň içinde «aýallardan başdan geçiren horluklary, geplemegiň nädip gadagan edilşini, erkekleriň nähili jezasyz galşyny gürrüň berýän 100-e golaý hat alandygyny» aýdýar.
Fondunyň «sekiz ýyllap sarsgyna salyjy urlup-ýenjilme wakalaryny» çap edip gelendigini, hökümetden haýsydyr mundan el çekme talabyny almandygyny-da sözüniň üstüne goşdy. Ol indi ygtyyarlylar tarapyndan ýalňyş maglumat ýaýratmakda, maşgala syrlaryny aýan etmekde we kezzapçylykda aýyplanýanlaryň sanawyna salynan ýurdy Gazagystanda ýaşamaýar.



*Saltanat Nukenowa*
Saltanat bular ýaly gynançly başdan geçirmelere-de duýgudaşlyk bilen garapdyr.
Aýytbek «Ol hemişe adalatyň ugrunda göreşipdi» diýýär: «Nämedigi möhüm däl… adalat duýgusy uçursyz güýçlidi. Haçanda biriniň ynjandygyny we goranmaga mätäçliginiň bardygyny bilse, şobada onuň ýanyna ylgardy».
Kanunyň heniz ýeterlik däldigini hemmeler bilýär. Emma diňe şunuň özem iň ýokarda oturan güýçlilerdenem hasap sorap bolýandygyny görkezen gowy başlangyç.
Suduň hökümi adamlara şuny görkezer: Gazagystanda kanunlaryň hemmeler üçin deňdigini we hemmeleriň kanunyň öňünde

deñdigini!

Sofiýa ABDYLLA & Aýsymbat TOKOÝEWA.

«BBC», 25.05.2024 ý. Publisistika